# Garagünli

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Garagünli GARAGÜNLI

Arzasyny golsuz ýazýanyň biri
Mazaly meý içeninin ertiri
Açyp täze gazetleriň ýüzüni,
Lampa aşak goýberenmiş özüni:
Gazetleň ýüzünde ägirt harp bilen
«Şu gün tankytçylaň güni!» — diýilen.

Öňündäki sowuk çaýdan owurtlap,
Galam alyp,
Stoluny bagyrtlap,
Ýaňky zaňňar şomat guş bolup uçan,
Ýassyk deý depderniň gatyny açan,
«Aý geçer, ýyl geçer, ýöne ahyrym
Şeýle bir gün geler diýipdim ahyryn!»
Diýip, güzledenmiş arza baryny,
Masgaralap dogan, dosty-ýaryny!

Papkalar bolansoň onuň gyrjyny,
Arzadan dolduran gara horjuny,
Epeý gadam urup, poçta baranmyş
Görseň, ynha «perişdemiş», «erenmiş»,
Özem horjundaky hatlaryň baryn,
«Habar dolanmaly» diýip berenmiş.
Soňra öýne gelip ýaňky pyýada,
Täzeden meý içen hasam zyýada,
Jahan garaňkyrap, agşam düşende,
Bulanyp, meýmiräp ýelek düşekde,
Seýil edip ukynyň belent-pesine,
Oýananmyş birden topuň sesine.

Bu gümmürdi näme, bu sesler näme
Diýip, ýene ýazan tankydy nama!

(Ol telbe öýýyklan öz öýün ýykan –
Şol pursatda salýut atylýan eken!)
Buz ýaly «Şampandan» keýpini kökläp,
Hälki gazetleri düşegne oklap,
«Gazetden ýalñyşjyk tapaýyn» diýip,
Ýene bir arzajyjk ýazaýyn diýip,
Täzeden sahypa ser salyp gören,
Gözi garañkyrap añk bolup duran!..
Gazetde ýazylan… Görsene muny –
«Tankytçylar» däl-de, «Tankçylar güni!»
…Soñy näme bolan?
Belli däl bary –
Aýdyşlarna, şol gün gijäniñ ýary
Düýşünde basdyryp özüni tanka,
Betpygylyñ jany çykanmyş takga…

1974 ý.

Annaberdi AGABAÝEW. Goşgular